# Bir öwüt

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Bir öwüt BIR ÖWÜT

(Adamkärçilik barada)

Men kän gördüm pil deý çişip gabarlan,
Giñ göwreli, demir tenli adamy.
Görsemdim men işi bilen tanalan
Adam bolan çyn hakyky adamy!

Kim şatlanmaz, demir, polatsyz synsa
Ýa suw çyksa onyñ basan yzyñdan!
Ne peýda bar güýjüñ piliñkä dönse,
Işiñ bolsa serçeleriñ dyzyndan!

Her bir işler gelip geçse eliñden,
Yzy mälim bolsun tämiz namysyñ.
Güýjüñe buýsanma, gider goluñdan,
Ärligiñe buýsan çyn adam bolsañ!

Her bir ädimiñde dogrulyk bolsun,
Ak ýüregiñ saplygyny görsünler.
Gyljyñ däl-de, dogrulygyñ ýol alsyn,
Wepañ bilen güýçlüligiñ bilsinler.

Işe peýda bermän, biliñ guşama,
Düz ýerde bir tümmek bolup ýaşama!
Seniñ ömrüñ maýak bolsun-da ýansyn,
Soñky ösdürimler görelde alsyn!

Otda bişen kerpiç añsat döwülmez,
Işde bolan demir asyl pos almaz.
Iş görkezen äri ili unutmaz,
Polat yzyñ mähri asyl-ha ýitmez!

9 dekabr, 1943.

Tatarçadan terjime eden: B.Kerbabaýew. Goşgular